# Göwündäki gündelik -14/ dowamy

Category: Goşgular,Hekaýalar,Kitapcy,Sözler,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Göwündäki gündelik -14/ dowamy Şol kagyzlaryň ýene-de birinde şeýle ýazgy bar eken.

**Dostum Gurbannazar Orazgulyýewiň 50 ýaşyna gutlag goşgusy**

Ýazan makalalaň ýurduma belli,
Gurbannazar inim, ýaşadyň elli.
Bu ýaşda miwe biýr ömür daragty,
Elli ýaş ýigidiň men diýen wagty.

Iş-aladaň kändigine garaman,
Ýazyber hekaýa, powest, roman.
Eçil ile kalpda, ýürekde baryň,
Sahypasyn boş goýmagyn «Diýaryň».

Diýsinler: «Hiç haçan ýadanok bil-ä»
Ýetiş kinostudiýa, telewidenýä.
Açyp gahrymanlaň içki syrlaryn,
Sahnasyn boş goýma teatyrlaryň.

Adamlaryň alkyşyndan ýalkan-da,
Bir gün Lebapda bol, bir gün Balkanda.
Žurnalistiň käri şeýleräk kärdir,
Ýazyjy-şahyra il medetkärdir.

Iliň goldawundan taparsyň ýardam,
Öz kärini söýen bolmaýar ýadaw.
Eserleriň bilen il aňyn özgert,
Dünýäni söý, işle, ýaşa hem döret!

Bir ellini aşyrdym diýip eginden,
Nazaryň sowmawer gyzdan-gelinden.
Elmydama il-günüň bolsun aladaň,

Hemem öý-ojagyň dursun abadan.

Dostlar bilen urup ýüzi-ellini,
Sag ýaşa sen ýene-de bir ellini.
Ýüz ýaşda dünýäda doýmaýar adam,
Bu gün şahyr dostuň Atamyradam.

Tost aýdyp, söz sözläp, götersin bada.
Zehiniňi paýlap ýakyna-ýada.

Türkmen kölün suwdan doldurşyň ýaly,
Doldur bize meýden boz pyýalany.

5.02.2008 ý.

Atamyrat ATABAÝEW.

* * *

TÜRKMENIŇ AÝ, ÝYLDYZ HEM WAGT HASAPLAMALARY

Şemesi (Gün) aý hasaby boýunça ýyl başy hamaldan (22.03.) başlanýar. Hamal (emel) 22.03 – 22.04., sowur – 22.04. – 22.05, jöwza – 22.05.– 22.06, seretan – 22.06 – 22.07, eset – 22.07 – 22.08, sünbüle (sümmül) – 22.08 – 22.09, mizan (terezi) – 22.09 – 22.10, akrap – 22.10 – 22.11, kowus (abdalgalak,hazan) – 22.11 – 22.12, jedi – 22.12 – 22.01, daluw – 22.01.– 22.02 hem hut aýy 22.02 – 22.03 aralyklara deňdir.
Hut aýy (alabahar) akgyş, garagyş, emen, demen, hut, nut ýaly alty bäşgünlüge bölünýär.
Iň ýörgünli wagtnama bolan ýyldyz hasaby 12 (taýpadan) durýar: nowruz (21.03), Ülker (12.04 – 22.06), aralyk (22.06.– 22.07), Üç ýyldyz (22.07.– 12.08), Ýaldyrak (12.08 – 23.09), mizan (22.09 – 22.10), akrap (22.10 – 12.11), gyş (22.11 – 22.02), garagyş (22.11 – 7.12), uly çille (7.12 – 17.01), kiçi çille (17.01 – 7.02), ýene bir garagyş (8.02 – 22.02) we türkmen (çarwa) nowruzy (22.02).

WAGT-DÖWÜR HASAPLARY

Gündogaryň gadymdan gelýän wagtnamalaryna görä, 1 müçe 12 ýyla, 3 müçe 36 ýyla ýa-da 1 garyna deňdir. 1 kosmik gün, ýagny 2 garyn (72) ýyl 1 ömre, 10 ömür (720 ýyl) 1 döwre, 3 döwür (2160 ýyl) 1 zamana barabardyr. 3 zaman (6480 ýyl) 1 eýýama, 4 eýýam (25920 ýyl) 1 kyýamata deňdir. 83,3 ýyl (1000 aý) ýaşan adama «şyhypany» diýilýär. Bir nesil ortaça 25 ýyldan çalyşýar.

Köne zatlaryňy dörseň, arasyndan gerekleýäniňem çykaýýar. Saralan kagyzlaryň arasyndan aşakdakylary tapdym. Birwagt çykan gazet sahypalaryndan gyrkyp goýupdyryn.

TÜRKMEN HALKYNYŇ WAGT AŇLADYŞY

Bamdat – Gün dogmazyndan bir sagat çemesi öň.
Daňdan – Günüň dogjak ýerinden şapagyň ýagtylanyp başlanmagy.
Saba – Gün dogandan soň, ilkinji ýarym sagat.
Säher – Gün dogandan soň, ilkinji bir ýarym sagat.
Ertirlik – Günüň dogup, ýerden gowy saýlanan wagty, takmynan sagat 8 aralygy hasap edilýär.
Salkyn – bir gündiziň ýarysy, takmynan Gün dogandan soň, bäş sagadyň ötmegi.
Kyýaam – gündiziň birinji salkyny ötenden soň, ilkinji iki sagat.
Ertir salkyn – bir gündiziň doly birinji ýarymy, Gün dogandan günortana çenli wagt.
Öýlän salkyn – gündiziň ikinji ýarymy. Günortandan ýarym sagat geçenden soň, başlanyp, Gün ikindi bolýança dowam edýän wagt çägi.
Baş guşluk – tomus aýlary sagat 9 bilen 9-30 aralygy.
Uly guşluk – tomus aýlary sagat on bir töweregi.
Çäç wagty – Günüň gije-gündiziň dowamynda iň ýokary galýan wagty.
Günortan – Günüň nurunyň peselip, günbatar tarapa inip ugramagy.
Öýlän – günortandan ýarym sagat çemesi geçenden soň, başlanýan wagt ölçegi.
Ir öýlän – günortandan soň, öýläniň ilkinji bir ýarym sagady

geçenden soňky pursatlary.
Ak öýlän – ir öýleden soň, öýle guşluga çenli bolan wagt aralygy.
Öýle guşluk – ak öýländen soň ikindä çenli bolan wagt ölçegi.
Ikindi – ýaşmasy golaýlan Günüň reňkiniň üýtgäp, gyzaryp başlaýan wagty. Ikindi bolanda her bir zadyň kölegesi öz boýunyň iki essesine ýetýär. Sözüň doly manysynda ikindi – diýmek agşama çenli iki sagadyň galmagydyr.
Agşam – Günüň çalaja ýaşan wagtydyr, garaňkynyň gatyşyp başlamagydyr.
Ilki agşam – ýaşan Gün nurunyň ýagtylarynyň doly solmagydyr.
Ir agşam – agşamyň ilkinji iki ýarym, üçinji sagatlarynyň başlamagydyr.
Giç agşam – ýaşan Gün nurunyň ýagtylarynyň has-da doly ýiteňkirläp, şapagyň doly ýetmegidir, asmanda görünýän ýyldyzlaryň sanardan has köp bolýan wagtydyr.
Ýassy – agşamdan soň ýassy namazynyň okalýan wagty gelende başlanýan wagt ölçegi.
Ýary gije – gijäniň ýarynyň geçmegi. Gije umumy söz adalgasy bolup, ol iki topara bölünýär. Olar uzyn gije we gysga gije diýlip atlandyrylýar.
Azan – daň çalaja atan wagty. Kuranda azan wagty Adam Ata aleýhessalamyň Behiştden Ýere düşüp, «iki gapyly dünýäniň» hormatyna şükür edip, bamdat wagtyndan ýarym sagat öň okan namazynyň wagt aralygy diýilip düşündirilýär.

* * *

Dörünip otyrkam, mundan 4-5 ýyl ozalrak türkmeniň tüýs oturymly gadymy mekanlarynyň birinde-Sarygamyşyň ýakasyndaky Bötendag obasynda ýaşaýan Täçdurdy Kerimowyň iberen haty öňümden çykdy. Onuň mazmuny aşakdaky ýaly:

## • HAN JÜNEÝIT BARADA

Bötendagly ýaşuly Baýram ussanyň ogly Aman aganyň gürrüňleri:
Han Jüneýit orusdan gaçyp, Balişeýem diýen ýerde goş basýar. Men hem şol döwürde 10-12 ýaşlaryndaky oglandym. Şol ýylyň

haýsy ýyllygyna-ha bilmek kyn däl.
Obamyz Baleýşemiň Günçykar tarapyndan Akguýy diýilen ýerde oturýardy. Iki sany adam Kürşit atadan Baleýşemiň Günbatar kyblasy tarapa duz getirmäge gitdi. Men hem olaryň ýanyndadym. Biz üç düýäni duzdan ýükläp, Akguýa gaýdýardyk.
Baleýşemde ýoldaşlarym “Hanyň goşunda çaý-suw içip yzyňdan ýeteris sen gidiber, düýeleri iýdip” diýip galdylar. Şol günleriň birinde şeýle waka bolýar. Ol wagtlar syrgyn-syrgyn bolup otyrlar eken.
Han Jüneýit syrgynyň günbatarynda oturan eken. Sazak kör, Durdy bala, Ýusup bala dagy başlyklaýyn sekiz öýli bolup gündogarynda oturanlar. Ýaňky adamlar mergen, batyr adamlar bolupdyr. Olar “Gaçha-gaçlykdan bez boldyk. Ikindi namazyna durlan wagty her kim başyny seždä indiren wagty han Jüneýidi, Eşini, enesini, inisiniň adyny aýdyp, iki bir, iki bir öldüreli, bu gara günden dynaly” diýip urýarlar maslahaty, tüýkürerler bir çukura. Ine ikindi namaza-da durulmaly bolýar welin, (namazy jemagat bolup obanyň ortasyndaky takyrda okaýar ekenler—awt) han görünýär aşak tarapdan çäkmenini ýolbelet atyp gerşine. Hemme jemagat üýşýär. Ýaňky dil döwşen 8 adamyň biri netinden, pälinden dänýär-de, hana garşy ýüwürýär.
Onuň ýaranlary «Al gitdi-de, at gitdi» bolşup, alaçsyz yzyna dolanýarlar-da, atlaryna gonup, jylaw deňläberýärler, “Niredesiň ata guýy” diýip, ýedisi.
Ol birisi bolsa “Han aga, günämi geç, seniň kastyňa çykyldy. Şol gaçyp barýanlar şeýle-şeýle gürrüň etdiler, maslahat biçdiler” diýip, habar berýär. Hanyň nökerlkeri atlaryny eýerleýänçäler, gaçanlar gözden ýitýär. Eşi başlyklaýyn kowýarlar yzyndan. Han adyl bolupdyr. Günbugyň şorynyň üsti bilen, Nuraly betigiň gapdaly bilen giden 30 atly kowguçylar ýolda gaçakçylaryň ikisiniň sowlanyny görýärler. Ol sowulanlary öldürýärler.
Galany ýetdirmän gidip otur diýýär Eşi dagy olaryň yzyndan ýetip bilmän, yza gaýdýarlar. Han Jünneýt “Şol gaçakçylaryň maşgalalaryna azar beren ýa-da gije-girimde öýüne giren adamyň başy kesiler” diýip, hököm edýär. Ol maşgalalaryň iýjek-işjegini öz üstüne alýar.

Gaçakçylar şol gaçyp gelişlerine Hywa gelýärler-de geziberýärler. Aradan bir ýyl geçýär. Bular (5 ler) 30 sany mollany baş edip, “Handan günämizi diläp alyp ber!” diýip niredesiň, Baleýşem diýip ugraýarlar. Kellelerini etegine salyp, kepenlerini boýnuna orap bärden barýarlar. Hanyň öýüne başy sellemeli, kelemeli, kalby ylymdan ýüküni tutan otuz işan girýär.
Söwüş sowulýar, nahar-şor çekilýär. Han bu gaçaklary tanasa-da, tanamadyksyrap otyr diýýär. Ine, işanlaryň ýolbaşçysy “Han aga, bize uzak ýoldan şu günäkärleriň günäsini dilemäge geldik” diýip, ýüzlenýär. “Egilen başy gylyç kesmezmiş” diýipdir köneler” diýýärler. Han syr bildirmän, “Uly başyňyzy kiçeldip, uzak ýoldan at derledip geleniňize taňryýalkasyn. Siz bir dili dogaly işanlar, ulamalar, siz şu -bäşleriň maňa indi ýamanlyk etmejekdigine güwä bolup kelamylladan kasam içiň, men bularyň günäsini geçeýin” diýýär.
Mukaddes kitap çykýar horjundan, goýulýar ortada, desterhanyň üstünde, çöregiň gapdalynda Otuz işan kasam içýär. Han olaryň günäsini geçýär.

* * *

Han orusdan gaçyp Garagumyň jümlüşinde goş basyp ýatyrka, günleriň birinde Şerrigi ýanyna çagyryp, «Sen Hywa ýüzünden habar alyp gaýt, näme gep, name gürrüň bar» diýip daşowuz sebtine iberýär. Şerrik barmaly ýerine baran wagty NKWD-nyň adamlary ony tutýarlar. Olar Şerrigiň öňünde şeýle şert goýýarlar:
–Saňa şeýle ýumuş bar, sen han Jüneýdi, Eşini tutup getirseň, öňküň ýaly Daşogyzyň ýolbaşçysy edip bellejekler, ýumşy bitirip bilmeseň, bäşataryň ýeke okuny «peşgeş» berjekdiris-diýip, ony gyssaýarlar.
Şerrik Jüneýit hany tutup gelmäge “Niredesiň gumuň içi” diýip ugraýar. Ol baryp hana:
–Han aga, hemmeleriň gözi seniň ýoluňda. Hököwmedem «saňa gelsin, ýurduna, iline eýe bolsun, özi bize azar bermese, bizden oňa zawal ýok. Şertnama, ähit-peýman edişeli” diýip

göýberdi diýýär.
Hanyň hem başga ýurda gidesi gelenok diýýär. Bu sözi eşiden hanyň ýüzi ýagtylýar, gözleri şöhlelenilýär. Han Eşini, agasyny alyp, Şerrik bilen bäş adam bolup niredesiň Köneürgenç diýip gaýdýarlar. Şolaryň içinde işan barmy ýa ýokmy ony biljek däl. Dördünjisi han işan bolmagy gaty ahmal. Şerrik han Jüneýdi Toşmugyň jaýyna eltýär. (ol Köneürgenjiň Akderýa obasynyň töweregi bolmaly) Şerrik bilen NKWD adamlary maslahaty gaýym bişiren ekenler. Hany Toşmugyň jaýyna eltmeli, han barmaka şol ýere otuz esgeri bukuda goýmaly edipdirler.
Han dagy barýarlar, Şerrik hyzmat edip başlaýar. Ol iň soňunda nahar çekip daşary çykan wagty ok guýulmaly eken. Şerrigiň rejesiniň gowy däldigini Eşi onuň ýüzünden aňýar. Şerrik daş çykynda, ol han dädesine Şerrigiň gylygynyň erbet bolaýmagyny, ýüreginiň bir ýowuzlyk duýandygyny aýdýar. Han dagy mauzerlerdir naganlaryny taýýar tutup, güýç tarapyndan deň däl söweşe taýýarlanýarlar. Şerrik nahar getireninde, onuň ýüzüniň damarynyň çekip-çekip gidýändigini oturanlaryň bary mese-mälim görýär.
Ol «Han aga, haýal etmän iýiň!» diýýär-de, gülşip, yzyna dolanýar. Ol gapydan çykmanka Eşi onuň ýeňse çukuruna bir ok sugşurýar. Ol gapynyň agzynda örülip galýar. Ine, olaryň üstüne bäşataryň güllesi çagba ýaly bolup jaýyp gapysyndan girip başlaýar. Han dagy çete çekilip atyşyp başlaýarlar. Otuz esgeriň 17 sanysy ölýär, galany bolsa goňşy otaga girip, içinden gaýym temmäni urup ýatyberýärler. Şol wagtlar jaýyň üstüne ot basylar eken. Han jaýa oty zady bilen ot berýär-de, gaýdyberýär.
“Bize ýurt haram boldy” diýip han Jüneýt orus bilen hiç haçan ýaraşyk etmerin, ylalaşyk baglaşmaryn diýip kasam edipdir. Şol ýerde ine şeýdip han Jüneýit ýurdundan el ýuwup, Eýran tarapa aşýar.

* * *

Han Jünneýt höküm sürüp ugran wagty ol iki sany uly günä geçirimlik etmändir. Onuň birisi, nämehrem zenan bilen

ýakynlyk eden, ikinjisi iňňe ogurlanam, iner ogurlanam deň tutulyp, barlyşyksyz darapdyr.
Şonuň üçin jelepçilik, ýeňleslik hem-de ogurlyk bolmandyr. Ol wagtlar gulpuň nämeligini adamlar bilmändirler.
Bazar ýolunda ýa başga ýerde bir kişiniň gapjygy, zady gaçyp galan bolsa, onuň iki tarapyndan ýol salyp, şol gapjyk arada galar eken, eýesi bolmasa, hiç kim ony ýerden götermez eken.

5.05.2019.

* * *

Öňňün-8-nji maýda gije 21-lerde Garagumyň gujagynda edilen sapardan dolanyp geldik. Şondan bir gün öňünçä otluda gidip, daňdan 5-lerde Serdarda (Gyzylardatda süşüp, aňryk 150 kilometre awtobusda gitdik. Hernä ýol indi düzeliberipdir, 2009-njy ýyldaky ýaly içiňi silkjek bolup duranok.
Gowusy, 13-nji maýda “Nesil” gazetinde çap bolan “Garagumyň altyn sahypasy” atly ýol ýazgym bilen düşündiräýeýin:
Akýaýla düzlüginde bu Älem içine çaw bolup ýaýrajak tatyhy waka şaýat bolup durus. “Altyn asyr” Türkmen kölüniň kenar ýakalarynda diýseň döwrebap täze obanyň, has anyk aýdanda, giň gerimli durmuş-önümçilik toplumynyň düýbi tutuldy. Döwletli işe badalga bermek dabarasyna gatnaşan hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň eden çykyşynda bellenilişi ýaly, Garagumuň jümmüşinde gurlan bu kölüň tutuş Aziýa sebiti üçin ähmiýeti juda uludyr. Ýaňy-ýakynda hökümet derejesinde Türkmen kölüniň sebitini 2019-2025-nji ýyllarda özleşdirmegiň, şol babatda durmuşa geçirilmeli çäreleriň Meýilnamasy tassyklandy. Şeýleikde ýygnanan suwy zer damjasy ýaly edip tygşytly ulanmak, Garagum sährasyny diňe bir maldarçylyk üçin däl, eýsem ekerançylyk üçin hem özleşdirmek, tokaý zolaklaryny döretmek, dowardarçylyk üçin sonarly örüleriň çägini has artdyrmak bellenilýär.
… Milli Liderimiziň hersini altyna gaplaýmaly sözlerini diňläp durkaň, içiňden “görmäge gözümiz sag bolsun” diýip, buýsançly owsunyp gideniňi duýman galýaň. Bazar gatnaşyklary esasynda bu Hydyr gezen sährada indi diňe daýhançylyk däl, eýsem

balykçylyk, bagçylyk öser. Bar bolan, şeýle-de, indi öndüriljek önümleri senagat taýdan işlejek pudaklar peýda bolar.
…Gaýdyşyn gözüň ýol ýakalarynda heniz hem bogulan çemene meňzäp al-elwan bolup oturan gülzarlykda, ýaşap gidensoň, hersi gujak doldurjak sazaklarda, dim-dik bolup sülmüräp oturan ak sözenlerde eglenýär. Doly gazlaşdyrylan ýurtda indi Garagum tokaýa öwrülýär. Hawa, şeýledigini görjek bolsaňyz, Türkmen kölüne tarap seýle-seýrana çykaýyň!
Türkmen kölüniň kenarynda dörejek toplumlaýyn işleriň birinji tapgyry 2019-2022-nji ýyllarda amala aşyrylar, ikinji tapgyr 2022-nji ýylda başlanyp, işler 2025-nji ýylda doly tamamlanar. Birinji tapgyrda bu ýerde oba geňeşiniň, Polisiýa we ýangyna garşy göreş gulluklarynyň binalary, 260 orunlyk umumybilim berýän orta mekdep, 160 orunlyk çagalar bagy, 200 orunlyk medeniýet öýi, Saglyk merkezi, içerki ýollar hem-de gaz, agyz suwy, lagym we elektrik geçiriji ulgamlar, suw süýjediji desga gurlar.
Şeýle hem kuwwaty 10 MWt bolan utgaşdyrylan Gün we ýel elektrik stansiýasy, seýilgäh, aragatnaşyk üpjünçiliginiň içerki we daşarky eltiji inžener ulgamlary, ýangyç guýujy beket, balykçylyk hojalygy, azykdyr senagat harytlary dükany bina ediler.
Şonuň ýaly-da, birinji tapgyrda 60 sany bir gatly 4 otagly, 20 sany bir gatly 3 otagly ýaşaýyş jaýlary, ikinji tapgyrda bolsa, 44 sany bir gatly 4 otagly, 88 sany hem bir gatly 3 otagly ýaşaýyş jaýlary gurlar.
«Altyn asyr» Türkmen kölüniň «Akýaýla» şor suw howdanynyň sebitinde guruljak desgalar we ekiljek baglar bu töweregiň ekologiýa ýagdaýynyň gowulanmagyna oňyn täsir eder.
Bu taslama giň halkara jemgyýetçilikde ýokary baha eýe boldy. Dünýä jemgyýetçiligi bu işe Merkezi Aziýanyň ähli sebitinde ekologiýa ýagdaýyny gowulandyrmaga Türkmenistanyň goşan saldamly goşandy hökmünde baha berýär.
…Bu dabara gatnaşan myhmanlary synlaýan. Hawa ýurdumyzda işleýän halkara guramalaryň ýolbaşçylarydyr wekilleri, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň Türkmenistandaky

hemişelik utgaşdyryjysy Ýelena Panowa, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň baştutany Natalýa German, ÝUNISEF-niň Türkmenistandaky wekili Şahin Nilofer, ÝHHG-niň Aşgabatdaky merkeziniň ýolbaşçysy Natalýa Drozd,
BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň Türkmenistandaky hemişelik wekiliniň wezipesini ýerine ýetiriji Natia Naswlişwili we beýlekiler Garagumyň gujagyndaky gudrata haýran galýandyklaryny her sözünde nygtaýarlar. Olaryň kölüň suwuny içip görýänlerem bar. Kölden ýap-ýaňyja tutulan balyklary dadyp görüp, “aperin!” diýen manyda başam barmagyny ýokary galdyryp, baş ýaýkaýanlaram, gämidäki gezelençde aldygayna surat alýanlaram, ýürek joşgunyny žurnalistler bilen paýlaşmaga howlugýanlaram… bar. Jahankeşdelik kemini goýmadyk myhmanlary Garagumdaky tutum haýran galdyrýan bolsa, diýmek, bu Älem içre owazasy ýaýrajak wakadyr.

* * *

Garagumyň tyllaýy çägeleriniň reňkine meňzeş harplar bilen bu sähranyň gujagyna täze sahypa, täze taryh ýazylýar. Ol sahypa geljek üçindir, gülleýiş üçindir, nesilleriň rowanalygy üçindir. Gadymy Garagum, gülleýiş, bahar lybasyndaky hoşnutlyk mübärek bolsun!

10.05.2019.

* * *

Munuň gürrüňi kän. Bu romanyň bir bölegi “Aşgabat” gazetinde (2009-njy ýylda) çap edilende ýüzlerçe hat geldi. Soň bu eseri Medeniýet ministrliginiň ýanyndaky “Döwlet topary” diýilýän ýere okamaga bermeli diýdiler. Ine, mundan üç-dört gün öň bolsa aşakdaky hat öňümden çykdy. Sizem okap görüň!

## «JÜNEÝIT HAN» ROMANY HAKYNDA

(syn)

“Bu roman örän köp wakaly, köp sýužetli, örän köp gahrymanly, örän çylşyrymly çeper eserdir. Awtor (men bu eseriň eýesine şeýle diýip ýüzlensem, jaýdar bolar) bu romany döretmekde taryhy maglumatlardan, arhiw materiallardan, halk içinde ýaýran gürrüň-rowaýatlardan, aýratynam rus kolonialistik goşununyň diňe Türkmenistandaky däl, tutuş Orta Aziýa sebitindäki harby hereketlerini öz gözi bilen synlap we olara özüçe baha beren amerikan žurnalisti Mak Gahanyň ýazgylaryndan örän ýerlikli we başarnykly peýdalanypdyrlar. Bu ýagdaýlar esere realistik, ynandyryjylyk ruhuny çaýýar.
Awtoryň galam ýöretmäge ezberdigini turuwbaşdan bellemek gerek. Awtor edebiýatyň «ody bilen girip, küli bilen çykýan», ozalam telim eseriň içinde döwnäp, mazaly ýola düşen dörediji adama meňzeýär. Romanyň başdan-aýagyna çenli ol okyjyny ýadatman, öz yzyna düşürmäge çalyşýar. Ol şol wezipäniň hötdesinden gelipdir diýsegem öte geçdigimiz bolmaz. Türkmen çöli, türkmeniň gylyk-häsiýeti, türkmen obasy, adamlaryň özara gatnaşyklary, aw, çopançylyk, gahrymanyň keşbini çekmek, ony sözünde tanatmak we ş.m. barada söz açanda, onuň ulanýan çeperçilik serişdeleri: meňzetmeleri, deňeşdirmeleri, suratlandyrmalary diýseň bol, göwnejaý, original, tolgundyryjy welin, «biziň edebiýatymyzda özboluşly bir söz ussady döräp gelýär öýdýän» diýip öz ýanyňdan dilleneniňi duýman galýarsyň. Eýsem näme, edebiýat hadysasy – jemgyýetiň, halkyň baýlygydyr, jemgyýeti halky öz eseri bilen begendirip bilýän adam–jemgyýetiň, halkyň adyndan gürlemäge ygtyýarly wekildir.
Romany okanyňda, awtoryň öz halkynyň çeper diline, öz halkynyň dünýäde ykrar edilen belent adamkärçilik, watançylyk, zähmetsöýerlik, myhmanparazlyk, göwnaçyklyk, şahandazlyk ýaly häsiýetlerine çuňňur söýgüsini duýmak bolýar. Ol şu häsiýetleri okyjysynda-da gürrüňsiz suratda terbiýeleýär. Muny romanyň artykmaç tarapy hökmünde ýörite nygtasym gelýär.
Romanda okyjyny begendirýän, gynandyrýan, oýlandyrýan sahypalar näçe diýseň bar. Rus generallary Werýowkiniň we fon Kaufmanyň, Hywa hanlary Muhammetrahym hanyň we Isfendiýar hanyň, beýlekileriň içgepletmelerini, «Nýu-Ýork gerald» gazetiniň habarçysy Mak Gahanyň uruş sahypalaryny beýan edýän

ýazgylaryny hiç bir adam biperwaý okap bilmez. Olarda şol şahsyýetleriň niýet-päli bütin dolulygynda çeper, janly hem-de ynandyryjy açylyp görkezilýär. Olaryň hemmesi islese-islemeseler, türkmeniň Garaşsyzlyk üçin janyny gurban etmäge taýyn halkdygyny boýun alýarlar. Türkmeni dyza çökermek üçin olaryň ulanmaýan täri (agyr-agyr salgytlar, paçlar, talaňçylyklar, Ýaňyýapdan başlap tä Yzmykşire çenli ýomutlaryň gylyçdan geçirilen Gazawat gyrgynçylygy, oda berlen obalar, türkmenleriň namysa degdirmejek bolup öz gyzlaryny köle, derýa atmaklary, bigünä başlardan «Kelleli», «Täze mazar» ýaly öwlüýäleriň döremegi) ýok. Emma ne içki zulumkärler, ne daşardan gelen basybalyjylar türkmeni dyza çökerip bildi. Näçe görgi görüp, pida çekse-de, türkmen türkmenligine galdy, ony boýun egdirip bilen bolmady!

Romanyň merkezinde hakyky halk gahrymanynyň—Jüneýit hanyň obrazy dur. Jüneýit han (hakyky ady Gurbanmämmet serdar) halkyň içinde (aýratynam demirgazyk türkmenleriň arasynda) tötänden adygan adam däl. Onuň ykbaly halkyň ykbaly bilen berk baglanyşyklydyr. Onuň çagalygy halkyň içinde geçýär, ol Hywa hanynyň kesimçileriniň (salgyt ýygnaýjylarynyň) oba-oba aýlanyp, ýygy-ýygydan salgyt (her ýylda 24 görnüşli salgyt) ýygnaýyşlaryny, salgyt töläp bilmedikleriň malyny, emlägini şaý-sepini zorlap alyşlaryny, doganoglan agasy Hojamyrat baý ýaly bir öz bähbidini bilýän biweç adamlaryň ilaty goramaga derek, «hana guýruk bulaýyşlaryny», ors goşuny tarapyndan öz dogduk obasy bolan Kepderihananyň ýandyrylyp küle öwrülişini gözi bilen görýär. Nirä baksaň, adalatsyzlyk, gije-gündizde eşidýäniň ahy-nala, zeýrenç, görýäniň gözýaş, didimzorluk. Onsoň dogumlyja oglan Gurbanmämmediň düwlen ýumrujagy (ol ýumruk halkyň gahar-gazabydy, zolum-horlugy närazylygydy) hiç haçan açylman, onuň özi ýaly batyr ýigitleri daşyna ýygnap, çöle çykmagyna, halky horlaýanlara özüçe göz görkezmegine sebäp bolýar.

Jüneýit han döräýmelidi, onuň döremegi bütinleý kanunalaýykdyr. Jüneýit hanyň örän mert kasamy bar:

«…Şu guba çägeler, Hydyr gezen sähralar güwä bolsun, men şundan şeýläk il derdine, yklym ahwalyna elimden gelen ýardamy

etmesem, ýüzüm gara bolsun!» (146 sah.)
Ol hemişe kasamyna wepaly boldy. Hywa hanyny mazaly haýalçyratdy, ogry-orramsylara, garyba, biçärä zulum edýänleriň gözünden gan akdyrdy, tirýek, ahlak bozuklygy ýaly nogsanlyklaryň düýbüne palta urdy. Halk Jüneýit handa öz howandaryny, arkadagyny, pikirdeşini görýärdi. Jüneýit hanyň hereket edýän sahypalary romanyň örän ýatda galyjy, täsirli we hyruç bilen beýan edilen sahypalarydyr.
Güýçli ýaragly we düzgün-nyzamly regulýar goşuny bilen «iki aýakly mahluk aziýalylary» mugyra getirmegi ýüreklerine düwen rus generallary fon Kaufmanyň we Skobelewiň, Werýowkiniň we gaýry kesleriň wagşylyklaryny jikme-jik we aýdyň açyp görkezýän sahypalar hem okyjyny haýrana goýýar.
Umuman, romanda ýokary çeperçilik bilen ýazylan bölümler, epizodlar azlyk edenok. Ýöne entek eser barada gutarnykly bir netijäni aýtmak kyn. Sebäbi ol gutarnykly däl, biz bu eseriň diňe birinji kitaby bilen tanyşdyk. Ol iki kitapdan (dilogiýa), üç kitapdan (trilogiýa) ýa-da telim kitapdan (tetralogiýa) ybarat esermi—biz entek ony bilemzok. Biz häzirlikçe diňe I kitap boýunça pikir ýöretdik. Romanyň diňe 1 kitabyna esaslanyp, käbir belliklerimizi aýtmagy-da makul bildik.
Elbetde, tutumly eseri birden-bire «ýylanyň damagyndan çykan ýaly» kemsiz-kössüz edäýmek ýeňil-ýelpaý iş däl, ol kem-käs ýetmezçiliklerden kösenýär, käbir meseleleriň bolsa juda-da ýugrumy ýetirilmeli:
Eserde türkmeniň mertligini, edermenligini ýygy-ýygydan ýanjap durmagyň geregi ýok. Ony hereketde—işde, söweşde, aladalarda görkezmek ýeterlik. Ol çeper edebiýatyň täsirligini, emosionallygyny artdyrmagyň dünýä edebiýatynda ykrar edilen kanunydyr. Soňky döwrüň eserlerinde gürrüň köp däl-de, duýgy, janly hereket kändir. Bu babatda Ç.Aýtmatow, W.Rasputin, W.Astafýew, G.Markes, Borhes, N.Dumbadze, Jebran Halyl Jebran ýaly söz ussatlary nusgalyk işleri bitirdiler.
Roman uly göwrümli eser, şeýle hem uzak döwri we giň territoriýany öz içine alansoň, onda dialekt sözleri we arhaistik sözler, jümleler köp işledilýär: dänik şemal (24

sah.), kelejir, juwanamerk (15 sah.), öwseriliş, ärmämmet (134 sah.), tohummurt, galaňňyrmak (11 sah.), tüm (57 sah.), howuljaly (145) we ş.m.

Gürrüňi edilýän döwür bilen şu günüň arasynda azyndan 150-200-e golaý ýyl ýatyr. Belki, dialekt sözlerini, könelişen sözleri ulanmak zerurlygy bolýandyr. Şeýle halatlarda, olar şu günki güni okyja-da düşnükli bolar ýaly, çykgytda düşündiriş bermeli.

Awtor birnäçe ýerde «çopanyň taýagy sözenden» diýip tekrarlaýar. Emma çopanlar hiç haçan sözenden taýak edinmeýärler. Sözen agajy biçak gaty, ondan edilen taýak mala zeper ýetirýär diýen ynanç bar.

«Hywa hanynyň köşgünde çöpboýadan dokalan ýumşak owgan halysy bar» (150 sah.) diýilmegi ynandyryjy däl, sebäbi çöpboýadan haly dokalmaýar-da, çöpboýany boýag hökmünde ulanýarlar. Şu we şulara meňzeş säwlikler okyjyny düýrükdirýär, alasarmyk ýagdaýda goýýar. Awtor bular ýaly nädürs zatlaryň gitmegine ýol bermeli däl.

Bir tipli, tagaşyksyz, manysyna düşünmesi kyn sözlemleri timarlamaly. Häzirki ýagdaýda olar romana agyr «ýük» bolup dur.

Romanda türkmenler bilen özbekler, türkmenler bilen ruslar, türkmenler bilen gyzylbaşlar (eýranlylar) gyr-tutuş, türkmenler öz aralarynda-da biri-biri bilen oňşonok, garpyşjak bolup durlar. Elbetde, şeýle döwürler bolupdy. Bu taryhy fakty inkär etmek bolmaz. Ýöne häzir başga döwür—halklaryň oňşukly, ysnyşykly, ylalaşykly ýaşaýan döwri. Ýazyjy öz döwrüniň ideologiýasyndan, ruhundan daşda bolup bilmez. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň nygtaýşy ýaly, biz dünýäniň ähli halklary bilen dostlukda, hyzmatdaşlykda, parahatçylykda ýaşamak işleýäris. Şonuň üçinem «köne samany sowrup oturman», «ýiti burçlary» küteltmeli, romanda hiç kimiň göwnüne kine almaz ýaly ýagdaýy döretmeli. Şol döwürde hem halklary biri-birine garşy goýanlaryň patyşalar, hanlar, generallar, molla-müftüler bolandygyny nygtap-nygtap, aýdyň görkezmeli, olary ýönekeý halklar bilen bir hatarda goýmaly däl.

Romanda hanlar (Hywa hanlary: Abdylla han, Mädemin han, Gutlymyrat han, Muhammetrahym han, Isfendiýar han, türkmen hanlary: Jüneýit han, Goçmämmet han, Şammy kel, Şaltaý batyr we başg.), generallar (Skobelew, Werýowkin, fon Kaufman, Golowaçýow, Galkin, Melkumow we başg.) biçak köp. Meniň pikirimçe, hanlary azaldyp (Şammy kel, Şaltaý batyr, Goçmämmet han, beýleki hanlar gerek däl), Jüneýit hanyň obrazyny güýçlendirmeli. Generallardan Skobelewiň we Kaufmanyň wagşyýana ýüzüniň perdesini sypyrmaly. Olar türkmene has tanyş harbylar. Şonda Jüneýit hanyň hem, Skobelewdir Kaufmanyň hem has doly hem täsirli obrazyny döredip bolar.
Romanyň başga-da ýeňil düzedip boljak nogsanlyklaryny awtoryň özi-de aňýandyr.
Awtor tarapyndan biçak köp, hysyrdyly, basa oturmagy talap edýän tutumly iş amala aşyrylypdyr. Ýoluň şowly başlanyşy ýoluň şowly tamamlamagyny-da wada berýär.
Awtoryň biziň aýdan arzuwlarymyzdan, maslahatlarymyzdan dogry netije çykaryp, halkymyza elden düşürilmän okaljak «Jüneýit han» romanyny hödürlejekdigine ynanýarys we oňa bu asylly, hökman bitirilmeli hormatly işde üstünlik, güýç-gaýrat, egsilmez ylham arzuw edýäris.

Şadurdy ÇARYÝEW.

19.10.2009 ý. (Bu sene synyň ýazylan wagty).
14.05.2019.

* * *

“Edebiýat we sungat” gazetiniň maý aýynyň 10-ynda çykan sanynda Atamyrat Atabaýewiň goşgulary berilidi. Şonda aşakdaky goşgy hem bar. Edebiýatyň öz döwründäki keşbini açýanlygy üçin şol goşgyny “Ömür ýazgylaryna” girizmek meger, dogry bolar diýip hasapladym.

- **GALAMDAŞ DOSTLAR**

Bile sowan toý-baýramy, ýaslary,
Her günde men ýada salýan dostlary.

Professor, ylymlaryň doktory,
Lebapdan Hanguly diýen dostum bar.

Her ýerde türkmeniň beýik merdi bar,
Ýüreginde uly dünýäň derdi bar.
Öwgüli söz küýsäp, barsam Balkana,
Onda şahyr dostum Didarberdi bar.

Käte ýürek gysyp, bu dünýä dardy,
Göwün öz ilimden ylham alýardy.
Orazguly bilen sapara gitsek,
Maryda ýürekdeş Gurt Näzli bardy.

Biz hakynda makalalar ýazardy,
Aýdym aýdyp hem şoh bolup gezerdi.
Tirsegne galdyran Ata Köpegi,
Çyn dostum Aşyrow Amannazardy.

Myhmanyň öňünde bary hem ýogy,
Eli hem galamly, hem akkordeonly.
Kyssa hem terjimä ezberdi eli,
Daşoguzly dostum Gazakbaý Ýolly.

Görk goşardy poeziýaň görküne,
Rubsowy söýüp, etdi terjime.
Şahyr dost Atajan Annaberdiýew,
Beýle ylham berilmeýär her kime.

Il tanaýar Orazguly Annany,
Bolmaz onuň ýalan ýazyp, aldany.
Goşgy ýazsyn, pýesa ýazsyn ýa kyssa,
Az bolmaz oň asyrlara galýany.

Şahyr dostum Nobatguly Rejep,
Sen deý zehin indi haçan dörejek?!
Ylhamdaryň Magtymguly bolansoň,
Eserleriň uzak ömür sürejek.

Yhlasy topraga badalan ýigit,

Kyssa ýazyp, kem-kem bat alan ýigit.
Dostum Gurbannazar Orazgulyýew
«Çalt ýazyjy» diýip at alan ýigit.

Wasp etsem, şygrynyň waspy gutarmaz,
Şahyr dostum Akmyradow Italmaz.
Täsin goşgularny, üçlemelerni
Kime okap berseň, ýüzüň utanmaz.

Talyp ýyllarda hem Tirkeş Sadykdyň,
Hem goşga, hem gözellere aşykdyň.
Ilki şahyr bolup, soň alym bolup,
Zehin bilen il içinde adykdyň.

Ýene bir dost Gowşutgeldi Daňatar,
Ýazan pýesalary hatarma-hatar.
Ajaýyp-ajaýyp hekaýalarnyň
Aý-ýyllar geçdikçe gymmaty artar.

Ýene bir dost Öwezdurdy Nepesdir,
Sypaýy bir ýigit, zehini kesgir.
«Uzak-uzak ýyllar» roman ýazýar,
Diýäýmeseň oňa: «Şularam besdir!».

Ýene-de bir dostum Kömek Kulydyr,
At-abraýy öz boýundan uludyr.
Käte biz «Dumbadze» diýsegem oňa,
Ol türkmeniň çyn zehinli ogludyr.

Bir şägirdim Gurbandurdy Orazdyr,
Goşgulary hem many, hem owazdyr.
Çagalara bilim berýär mekdepde,
Kärdeşleri diýýär işine ökde.

Bir kitaby çykdy ýapon dilinde,
Çagalar goşgusy dünýäň elinde.
Üç kitapdan durýan «Ojagy» ýazyp,
Dostum Agageldi Allanazarow,
Indi ol hem uluglaryň deňinde.

Nowruz Gurbanmyrat şahyr hem alym,
Zehini taplanýar gün geçdiksaýyn.
Çap bolan goşgusyn gutlasaň, diýýär:
«Ine, makala hem hekaýa taýyn».

Atamyrat ATABAÝEW,
Türkmenistanyň halk ýazyjysy.

* * *

15-16-njy maýda Aşgabatda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän ýurtlaryň (GDA) döredijilik we ylmy intelligensiýasynyň XIV forumy geçirildi. Oňa gatnaşmak üçin GDA-nyň Ýerine ýetiriji komitetiniň başlygy –Ýerine ýetiriji sekretary Sergeý Lebedew, Russiýa Federasiýasynyň Prezidentiniň halkara medeni hyzmatdaşlyk boýuça ýörite wekili Mihail Şwydkoý, GDA gatnaşyjy döwletleriň Ynsanperwer hyzmatdaşlygy boýunça döwletara gaznasynyň müdiriýetiniň başlygy Polat Bilbil ogly, Russiýa Federasiýasynyň Prezidentiniň medeniýet meseleleri boýunça geňeşçisi Mladimir Tolstoý, başga-da ministrler, belli alymlar, ýazyjy-şahyrlar, neşirýatçylar, terjimeçiler, medeniýet işgärleri geldiler.
“Mekan” köşgünde forumyň açylyşy boldy. Şonda gorumyň çäklerinde “Arkalaşygyň ýyldyzlary-2018” döwletara baýragynyň gowşurylyş dabarasy hem geçirildi. Şolaryň arasynda biziň belli aýdymçymyz, Türkmenistanyň halk artisti Atageldi Garýagdyýew hem bar.
Ertesi “Mukamlar” köşgünde GDA-nyň ýaşlar simfoniki orkestriniň konserti boldy. Sazyň, sözüň, aýdymyň gudratyny eýsem näme bilen deňäp bolar?! Ilki Atageldi Garýagdy Nury Hallämmediň Geldi Bäşiniň sözlerine döreden “Aşgabat” diýen aýdymyny, jemlemede hem Gurbannazar Eziziň sözlerine Daňatar Hydyryň “Keýpine”, iň soňunda hem Gylyçmyrat Kakabaýyň sözlerine Rejep Rejebiň sazyna döredilen “Türkmenistan” aýdymyny ýerine ýetirdi weli, “ine, ussat!” diýdiräýdi. Gujagyna berlen güllerden ýaňa özi görnenok.
Polat Bilbil ogly “Ýol”, hemmämiziň gözümizde galan “Ýedi gözel” kinofilminden belli walsy, azerbaýjanlaryň meşhur halk

aýdymy “Aý, dilberi” aýdandyr weli, walla, zal çöçäýdimikä diýdirdi. Köýnegine, donuna sygman, sahnada mikrofony bulaýlap, eli bilen “çapak çalaweriň!” diýip, dilegçilik edýän, sazy bir ýana, sözi bir ýana “ýykylyp” ýatan, aslyýetinde-hä sazam, sözem “özüniňki”, aýdýanam, tans edýänem, çapak çalýanam özi, şeýdibem eşitseň, görseň lezzet däl-de, ezýet berýän “aýdymçylar, onda-da “belli” aýdymçylar bulary göreňde bilbiliň ýanyndaky serçejik bolýar galyberýär. Çyn ussat, Taňrydan paý ýeten zehiniň edeni nusga boluberýäre-ow!
Şol konsert hergiz ýatdan çykmaz.

20.05.2019.

* * *

Ata Gowşudyň öýüne baryp gördük. Muňa sebäp bolan “Watan” gazetiniň baş redaktory Aşyrmuhammet Saryýew, taňryýalkasyn!
“Şaumýan köçesindäki çagalar hassahnasy” ady bilen tanalýan ýeriň gabat maňlaýyndaky köne howly. Ýazyjynyň oglunyň aýaly Gülüstan gelneje mugallym bolup işleýän eken. Güler ýüz bilen garşylap, ähli zatlary görkezdi. Ömrüni hor-homsulkda geçirenligi öýüň durkundan, geýen geýim-gejiminden, goş-golamyndan bildirip duran beýik ýazyjynyň ömür ýoluna syýahat eden ýaly bolduk.
Geýen ýukatap melemtil paltosy, çalan dutary, hat ýazan maşinkasy, oturan köneje palasy, küti papkalary ýaraýjak bolýan golýazmalary, elleri bilen eken nar agaçlary, daban yzy degen howly… Birhili “Köpetdagyň eteginde” romanynyň içine düşen ýaly duýgy döredýär.
Köneje galoşyny süýräp, paýu-pyýada diýen ýaly Tagta raýonyna (häzirki Görogly etraby) gidip, Pälwan bagşydan “Göroglynyň” ähli şahalaryny oturyp, irmän-ýadaman, dilden diňläp, kagyza geçirmegiň hupbatyny göz öňüne getirip görüň! Diňe şu hyzmaty üçinem Ata Gowşuda altyndan heýkel dikseňem azdyr. Belki, sähel gijä galynan bolsa, garry Pälwan bagşy amanadyny tabşyran bolsa tutuş türkmen kowmy “Göroglysyz” galardy ahyry!
Nijeme ajaýyp eserleriň dörän horaşaja, “bu gün-erte ýykylmak

howpy bar” diýilýän howly yzyma çykanymyzda, altyn gupbaly köşgi-eýwanlardan zyýat göründi.

24.05.2019.

* * *

Ýasamalyk gör nähili gyjyndyryjy hem gynandyryjy. Oýlanyp otursaň, türkmenler beýle ahwalata bir sözde “ýülmeklik” diýýän ekenler. Beýle ýerine düşürip aýtmagam boljak eken-ow!

* * *

Il içindäki gürrüňlerden:
Radiožurnalist daşoguzly daýhanlaryň birine sowal berýärmiş:
– Öz edýän işleriňiz hakda gürrüň beräýseňiz?
– Edýän işlemmizmi? Hepdede bäş günläp ýandak çapýas, galan iki günem at çapýas.

3.06.2019.

* * *

Il içindäki gürrüňlerden:
Dikdurma bagşylaryň toýdaky nyrhy ýene juda gala bolup ugrapdyr. “Eňeniň ugry” diýen ýaly, ata-ene-de toýuny beýlekileriňkiden kem etmejekden. Ine, Sarahsda bolan bir waka:
…Gudaçylyk gürrüňi bolan badyna öýlenjek ýigit şeýle şert goýan: “Eger-de Hajyny (Ýazmämmedow) aýtdyrmasaňyz, toý edibem oturmaň”. Aýak depip şeýdip dursa çykmazmyň şahada oturan bagşynyň idegine. Olam içiňi ýakaýyn diýen ýaly “şol aýdýan günleňňize men eýýäm toý aldym” diýýär. Iki “oduň” arasynda galan ata ogluna jaň edýär: “Başga bagşy tapaýaly”. Türkmen aýtmtşlaýyn, art budundan büre çokmadyk, hiç ýerde işlemese-de, demi bilen degirmen ýöredýän lälik ogul beterine tutan: “Eger meniň iň gowy görýän bagşym aýtmajak bolsa, toý stoluna barmaryn, eger süýräp eltäýseňizem, gözüňize güýdüşip gaçyp gidip, toýy bozaryn”. Ber jogabyňy?! Kakasy aýagyny süýräp,

Saragta gaýdyp, gudalar bilen gepleşip, toýy bagşynyň boş gününe süýşürdýär. Ýene gelmezmiň Aşgabda bagşynyň huzuryna. Saragty daşrak gören bagşy indi nyrhyny tas iki esse diýen ýaly galdyrýar. Özem gök kagyzdan- dollardan. Halys bergä-borja batjagyny bilse-de, garabagyr ata “ilden kem galmajak” diýen ýörgüne eýerip, “barsaň bolýar” diýýär. Bagşam “onda nyrjyň ýarsyny öňünden goýup git” diýýär. Halys ugur-utgasyny ýitiren ata bärdäki garyndaş, dost-ýarlardan jemleşdirip, “toýa baranyňyzda bererin” diýip, aýdylan puly topaýar.
Toý allanäme geçýär. Bagşam “indi boldy” edip, galan puly şakyrdadyp, sanap alyp durka, aňyrdan hamana, iň gowy bagşyny aýtdyrdan ýigitmiş-dä, gomaljyrap öýlenen ýigit gelip, arzyny-islegini aýdýar:
-Kaka, birje dowarjyk soýaly-la, oglanlar täzeje etden şara-şura iýäýsek diýýäler.
Içi ýanyp duran kakasy ýarylan:
-Güm bol, dogman geçen, häý seniň bir…. Eti ynha, lükge puly jübüsine uran Hajy iýer, bergini üzýänçäk sen ot iýersiň.
Ajy hakykat. Ýöne bolýan, özem durmuşa kök uran ýagdaý.

6.06.2019.

* * *

Abdyreşit Taşow žurnala “Maňyzlar” diýip ikilemelerini iberipdir. Gowy şahyr. Şonda şeýle setirler bar eken:

“Halk şahyry” diýilýänler, galp şahyrlar bolup çykdy,
“Halk şahyry” bolmadyklar, hak şahyrlar bolup çykdy.

17.06.2019.

* * *

Meşhur adamlaryň durmuşyna degişli zatlaryň içinde şeýle ýazgylaryň üstünden bardym:
Bonopart Napalion şeýle diýipdir: “Kanunlary gysga hem düşnüksiz ýazyň!” Ýene-de bir sözi: “Ýeňijini hiç wagt sud edýän däldirler”.

Unistion Çerçill bolsa şeýle diýer eken: “Başaryp bilmejek işiňizi bulaşdyryň”.

* * *

Düýn öýe gijara bardym. Pöwrize (häzirki Gökdere) jülgesiniň ýolundaky “Maral” restoranynda “Biznes-reklama” gazetiniň baş redaktory Seýitmyrat Geldiýew 39 ýaş toýuny etdi. Nähili ajaýyp ýer! Hezil edip oturdyk. Men Hudaýberdi halypa (Diwangulyýew) bilen baryp, Myratgeldi Berdiýewiň maşynynda Kakamyrat (Rejebow) bilen irräkden gaýtdyk. Meýlis biz gaýdamyzda tüýs “pik” diýilýänidi.
Öýe gelsem, gelnimiz Gülnar ýaşmak astyndan öz otaglarynyň äpişgesine ümläp, bir zatlar pyşyrdaýar. “Nämekä?” diýip seretsem, bir ap-akja, edil perişde guşy ýaljak kepderi äpişgäniň aňyrsynda çugutdyrypjyk otyr. Ony görüp keýp edýän agtyjagym Mälik jan aýnany pitikleýärem weli, janawer äwenogam, bagryny beripjik, gözjagazlaryny tegeläpjik otyr, ürkenok, gorkanok. Men muny gowulyga ýorup, Gülnara bir gapa guýup suw, owradyp çörek bermegi tabşyrdym.
Häli günortanyň öň ýany Atamyrat halypanyň halyny soramaga bardym. Taby öwerlik däl, sag tarapy doly ysanok diýen ýaly, sesem zordan çykýar, ysgyn-deramaty halys kemelipdir, turmag-a däl, idili oturybam bilenok. Ýüregim gyýlyp, keýpim gaçyp, hoşlaşyp gaýtdym.
Öýe gelip, häki ak guşjagazyň oturan ýerine seretsem, boş, uçup gidipdir.

19. 06.2019. Ýatlamalar